# Türkmen sährasy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmen sährasy TÜRKMEN SÄHRASY

Başyñdan geçirdiñ aýylganç aýlar,
Pelek sütem etdi, türkmen sährasy.
Ýasa öwrülipdi tutulan toýlar,
Jepany köp çekdiñ, türkmen sährasy.

At tozlary ýüregiñi ýaralap,
Göwsüñi darady, bagryñ paralap.
Ahyrzaman gopdy jahan daralyp,
Il-günüñ eñredi, türkmen sährasy.

Madritowdy başa düşen bir bela,
Çapdylar Kümmeti, biri Akgala,
Gojuk hany Kerim, ol Anna çala,
Döwüşdi üstüñde, türkmen sährasy.

Durdy han ganýokmaz, Hojanýaz Porhan,
Ençe gerçekleriñ berdi şirin jan,
Ençe topragyña siñip gyzyl gan,
Aglar şehit boldy, türkmen sährasy.

Müñläp düýe, müñ goýunlar sürüldi,
Naçar, oglan-uşak guma garyldy,
Boz topragyñ takyr kimin jaýryldy,
Mal-başyñ eñredi, türkmen sährasy.

Kuropatkin diýrler ganhorlar başy,
Madritow, Kalmykow jeñbaz ýoldaşy,
Tatardyr gojuklar goldap ildeşi,
Başyny goýdular, türkmen sährasy.

Gürgeniñ ýakasy, Etregiñ boýy,
Hazaryñ kenary, Çekişler oýy,
Bütewi jesetdiñ, göwräniñ taýy

Ot içinde ýandy, türkmen sährasy.

Menzili, mesgeni goranyñ başy
Mergen arçyn, Derýa gowga ýoldaşy.
Üç müñ leşger gurşap alanda daşy,
Gurdular döwüşi, türkmen sährasy.

Taýpasy ýaraly, körlerden asly,
Gujurly, gaýratly, ýomudyñ nesli,
Çozdular baýyrdan beýikli-pesli,
Seriñde söweşdi, türkmen sährasy.

Ýüzbaşlary Morjuk, Nurberdi, Katyr,
Elinde üçatar, bilinde hatar,
Göwsünde bedewleñ yzlary ýatyr,
Bedewler mesgeni, türkmen sährasy.

Jebri-jepalaryñ bolmandy çaky,
Raýatyn çapmaga ýok ahyr haky,
Esen han garrawy, arçyny Göki,
Girdiler söweşe, türkmen sährasy.

Süzüş dagda gopdy iñ soñky gowga,
Babagylyç batyr mynasyp öwgä,
Mesgeniñ-mekanyñ saldylar döwgä,
Synañ sandyrady, türkmen sährasy.

Öýleri ýandyryp, gyrdylar iliñ,
Ýer-ýatagy bilen sürdüler malyñ,
Sumda ýaşan bende, agyrdy halyñ,
Geçdi musallatlar, türkmen sährasy.

Dogan doganynyñ ýüzüni görmän,
Panydan ötdüler, galdy çoh arman,
Bolmaýança Haktagaladan perman,
Asyry geçirdi, türkmen sährasy.

Ikara çekdiler tiken simleri,
Kesildi gadymky ýüpek ýollary,

Intizar gözleriñ dikip ileri,
Ne güne galypdyñ, türkmen sährasy.

* * *

Togsan biriñ sahawatly güýzünde
Döwletli guşy başa gondy düzüñde,
Tanalýansyñ indi ýeriñ ýüzünde,
Galkyn indi, beýik türkmen sährasy.

Üstüñde çekilýär polatdan ýollar,
Arkaýyn dem alýar depeler, gollar,
Görüşdi bir-birne zar bolan iller,
Illeriñe guwan, türkmen sährasy.

Dehistanyñ düzi dönýär gülzara,
Gözüñ düşýär alma, armytdyr nara,
Ak toýnak astynda salnan muñ ýara,
Taryh bolup galdy, türkmen sährasy.

Üstüñde çaýkanýar Jeýhunyñ suwy,
Mesgen tutýar sende ördekdir guwy,
Jülgäñde ýetişýär bugdaýdyr tüwi,
Baýlygyña guwan, türkmen sährasy.

«On ýyl abadanlyk» gözbaşy bagtyñ,
Goý, mizemän dursun Serdarly tagtyñ,
Begenjiñden ýaña joşmaly wagtyñ,
Gelendir döwranyñ, türkmen sährasy.

Iliñ gorar indi degre-daşyñy,
Asmana ýetirer belent başyñy.
Zamanyñ aýlandy gutlap ýaşyñy,
Ýaradana sygyn, türkmen sährasy.

Ýalkasyn Ýaradan, jebir etsin ýaga,
Indi bir gopmasyn harasat-gowga,
Üstüñe ýagmasyn gülleli çabga,
Eý, türkmen sährasy, türkmen sährasy!